Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

GÜLBAHAR ABDULLAÝEWA,
GURBANBERDI WELBEGOW,
KAMILJAN HALLYÝEW

ENE DILI

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
1-nji synpy üçin derslik

Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan neşire hödürlenen

Dokuzynjy neşir

«O‘ZBEKISTON» NEŞIRÝAT-ÇAPHANA DÖRIDIJILIK ÖÝI
DAŞKENT – 2019

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 811.512.164(075)
372.881.1(075)
KBK 81.2Tur-9
A13

Syn ýazanlar:

A. Arazow – NDPI mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty.

D. Saryýewa – Dörtköl tümenindäki 7-nji mekdebiň başlangyç synp mugallymasy.

Şertli belgiler:

– Soraglar

– Ýumuşlar

– Dersiň soňy

Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleri hasabyndan çap edildi.

ISBN 978-9943-01-063-5

© G.Abdullaýewa we başg., 2015, 2017–2019
© «O‘ZBEKISTON» NÇDÖ, 2011–2019

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SES WE HARP

Sesi aýdýarys we eşidýäris.

1-nji gönükme. Surata serediň. Olaryň atlaryny depderiňize ýazyň. Her sözde näçe harp we näçe ses bardygyny aýdyp beriň.

2-nji gönükme. Teksti okaň.

Kanikul gutardy

Gyş kanikuly gutardy. Kanikul döwründe çagalar gowy dynç aldylar. Okuw ýylynyň ikinji ýarymy başlandy. Çagalar uly höwes bilen mekdebe gelýärler.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tekstiň birinji we ikinji sözlemlerini depderiňize göçüriň. Ondaky her sözde näçe ses we näçe harp bardygyny hem-de olaryň nähili seslerdigini aýdyp beriň.

3-nji gönükme. Miweleriň atlaryny okaň we göçüriň.

Alma, nar, garaly, armyt, ülje, şetdaly, erik, injir, üzüm.

Göçüren sözleriňiziň her birinde näçe ses we näçe harp bardygyny aýdyň.

Harpy ýazýarys we okaýarys.
Harp sesiň ýazuw belgisidir.

4-nji gönükme. Okaň we göçüriň.

Özbegistanda uly şäherler köp. Daşkent, Samarkant, Buhara, Nöküs, Ürgenç, Karşy we ýaly şaherler Özbegistanyň iri şäherleridir.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Her bir sözde näçe ses we näçe harp bardygyny aýdyp beriň.

5-nji gönükme. Suratlaryň atlaryny aýdyň we depderiňize ýazyň.

Bu haýwanlar hakynda bilýän zatlaryňyzy gürrüň edip beriň. Her sözde näçe ses we näçe harp bar?

6-njy gönükme. Nakyllary okaň we göçüriň.

Zähmet soňy rahat. Zähmet bagt getirer. Tomus depesi gaýnamadygyň gyş gazany gaýnamaz.

Öz bilýän nakyllaryňyzy depderiňize ýazyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ÇEKIMLI WE ÇEKIMSIZ SESLER

Sesler iki topara bölünýärler:
1. Çekimliler. 2. Çekimsizler.

ÇEKIMLI SESLER

A, e, ä, i, o, ö, u, ü, y –
çekimli seslerdir.

7-nji gönükme. «Gyş» diýen hekaýajygy okaň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gyş

Dekabr, ýanwar, fewral aýlary gyş paslydyr. Gyşyna howa sowuk bolýar. Gar ýagýar. Suw doňýar. Çagalar gar togalap oýnaýarlar. Gardan adam ýasaýarlar.

Soraglara dilden jogap beriň:

1. Haýsy aýlar gyş pasly?
2. Gyşyna howa nähili bolýar?

Ikinji soragyň jogabyny depderiňize ýazyň. A, o, u, y harplarynyň aşagyny çyzyň.

8-nji gönükme. Şygry okaň we düzüminde **i, e, ö, ü, ä** harplary bolan sözleri aýdyp beriň.

Gar

Gyş aýynyň bir güni,
Ýatyr ýerde akja gar.
Eremänkä öňküsi,
Gar üstüne gar ýagýar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ak tigirden çözlenýän,
Sapak ýaly akja gar.
Şindem dynman ýagyp dur,
Ýuwaş-ýuwaş galňaýar.

Köçä bakyp aýnadan,
Öýde kiçijik Çary.
Arkaýyn synlap dur,
Daşarda ýagýan gary.

A. Atabaýew

9-njy gönükme. Okaň we göçüriň.

14-nji ýanwar Watan sakçylary güni. Meniň agam Watan gullugynda hyzmat edýär. Watana gulluk etmek her bir ýigidiň borjudyr.

Her bir sözde näçe harp bardygyny depderiňize sözleriň üstünden sifr bilen ýazyň.

N u s g a: 14-nji(3) ýanwar(6)...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

10-njy gönükme. Okaň we içinde **o, u, ö, ü** harplary bolan sözleri göçüriň.

Eýer, gün, ýelim, ýegen, ýolka, durna, ýorunja, köwüş, demir, orak, ýorgan, ýagty, düýe, çopan, ýumuş, ýuka, erik, sagat, ýalyn, bugdaý, goýun, ýagyş, çörek, göle.

Nusga: Gün, ýolka, ...

11-nji gönükme. Haýwanlaryň atlaryny ýazyň. Nokatlaryň ýerine degişli çekimli sesleri ýazyň.

Goý...n, guz..., g...le, eş...k, d...ýe, ök...z, owl...k, k...şek, kürr..., t...ý, s... gyr, ...t, p...şik, güj...k.

12-nji gönükme. Okaň we her sözdäki çekimli sesleri aýdyň.

Mekdep

Ol iki gatly owadan jaý biziň mekdebimiz. Ol obanyň ortasynda ýerleşýär.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Biz mekdebiň daş-töweregini arassa saklaýarys. Mekdebimiziň oňat sport meýdançasy we kompýuter otagy bar.

Birinji, ikinji sözlemi depderiňize göçüriň.

13-nji gönükme. Atalar sözlerini okaň we göçüriň. Çekimli sesleriň aşagyny çyzyň.

Saýany ekmeseň, salkynda ýatmarsyň.
Çekseň zähmet, ýagar rähnet.
Bu günki işiňi ertä goýma.

Nusga: Saýany ekmeseň, ...

14-nji gönükme. Matallary okaň we her sözdäki çekimlileri aýdyp beriň.

El bilen ekerler,
Dil bilen orarlar.

Sary agam içerde,
Gökje goly daşarda.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Polat atym ýüwrüp barýar
Ýeri çepbe çöwrüp barýar

15-nji gönükme. Şygry okaň. Her sözde haýsy çekimlileriň bardygyny aýdyň.

Watan hakda

Bir ýany Syrderýa,
Bir ýany Aral.
Çölüňde ýaýnaýar,
Keýikdir, maral.

Obalaryn görseň,
Gyş-u – ýaz gözel.
Göwnüň joşa geler,
Düzersiň gazal.

Gurbanberdi Welbegow

Goşgyny ýat tutuň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ÇEKIMSIZ SESLER

B, w, g, d, ž, j, z, ý, k, l, m, n, ň, p, r, s, t, f, h, ç, ş – çekimsiz seslerdir.

16-njy gönükme. Şygry okaň we her sözdäki çekimsiz sesleri aýdyp beriň.

Iki dost

Ol ikisi söwer dostdy,
Biri Garly, biri Çary.
Haçan görseň, ine şolaň,
Daşyndady oglan bary.

Ikisi-de ýaşytdylar,
Ikisem bir ýylda doglan.
Garly diýseň ýygra, ýuwaş,
Çary bolsa alçak oglan.

Diýseň edil kanun ýaly,
Bir-birine aýdanlary.
Iki dosta guwanardy,
Obamyzyň adamlary.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

17-nji gönükme. Suratlary synlaň we olaryň atlaryny depderiňize ýazyň.

Ýazan sözleriňizdäki çekimsiz harplaryň aşagyny çyzyň.

18-nji gönükme. Matallary okaň we manysyny depderiňize ýazyň. Şol sözlerdäki çekimsizleri aýdyň.

Hatar-hatar dişi bar,
Başymyzda işi bar.

Iki ýaprak bir tende,
Gezer gülzar-çemende.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

19-njy gönükme. Hekaýajygy okaň we has gara ýazylan sözleri göçüriň. Olardaky çekimsizleri aýdyň.

Bäşim

Bäşim biziň **synpymyzda** okaýar. Ol sapaklaryna oňat ýetişýär. Bäşim örän **tertipli** okuwçylaryň biri. Ol **okuwdan** sebäpsiz ýeke minut hem **galmaýar.** Bäşimiň doganynyň ady **Enegül**. Olar iňlis dilini **öwrenýärler.**

Soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň:

1. Bäşim nähili okuwçy?
2. Ol sapaklaryna nähili ýetişýär?

20-nji gönükme. Okaň we şäher atlaryny depderiňize göçürip ýazyň.

Özbegistan Respublikasynda Samarkant, Buhara, Hywa we Kokant ýaly gadymy şäherler bar. Şäherlerde we obalarda dürli millet wekilleri agzybir ýaşaýarlar we zähmet çekýärler.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Öz bilýän şäher atlaryny aýdyp beriň.

21-nji gönükme. Hekaýajygy üns berip okaň. Has gara ýazylan sözlerdäki çekimsizleri aýdyň. Birinji we ikinji sözlemleri depderiňize ýazyň.

Çagalar bagy

Güljahan, **Mähri**, **Wepa** dagylar **çagalar** bagyna gatnaýarlar. Çagalar bagynda **körpelere** gowy seredýärler. Olar oýnaýarlar, **şatlanýarlar**. Olara ýorgan, ýassyk, stol, stul ýaly sözleriň **öý goşlarynyň** adyny aňladýandygyny hem öwredýärler.

Soraglara dilden jogap beriň:

1. Güljahan, Mähri, Wepa dagylar nirä gatnaýarlar?
2. Çagalar bagynda çagalara nähili seredýärler?
3. Çagalar bagynda olar näme işleýärler?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ÝOGYN WE INÇE ÇEKIMLI SESLER

22-nji gönükme. Teksti okaň. Her sözdäki çekimlileri aýdyp beriň.

Her bir garaşsyz ýurt öz döwlet nyşanlaryna eýedir. Özbegistan döwletiniň garaşsyzlygynyň nyşanlary onuň baýdagy, Döwlet senasy we Döwlet gerbi hasaplanýar.

Döwlet nyşanlary mukaddesdir.

1. Üçünji sözlemde näçe söz bar?
2. Şu sözlemi bogunlara bölüp ýazyň. Her bogundaky çekimli we çekimsiz sesleri aýdyň.

23-nji gönükme. Aşakdaky tapmaçany okaň we göçüriň. Çekimli sesleriň aşagyny çyzyň. Jogabyny synp tagtasynda ýazyň.

«Gal» diýseň, galanok,
Emma ýöräp bilenok.

(Kölege)

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýelkenli ýetmez yzyndan,
Jylawbaz tutmaz dyzyndan. (ωλϐlɐS)

24-nji gönükme. Goşgy bendini depderiňize ýazyň we ýat tutuň.

Besdir baglaň garrany,
Besdir daglaň garrany,
Garrasak biz garraly,
Sen garrama, eje jan.

Çekimli sesleriň aşagyny çyzyň.

Çekimli sesler iki hili bolýarlar:
1. ýogyn çekimliler: a, o, u, y.
2. ince çekimliler: ä, ö, ü, i, e.

25-nji gönükme. Teksti okaň we göçüriň.

Täsin jandar

Delfinler suwdan 2–3 metr ýokary böküp bilýärler. Şeýdip olar uçýan

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

balyklary tutýarlar. Şolar bilen iýmitlenýärler. Olar akylly haýwanlardyr. Delfinler adama tiz öwrenişýär.

Ýogyn çekimlileriň aşagyny çyzyň.

N u s g a: s<u>u</u>wd<u>a</u>n …

26-njy gönükme. Teksti göçüriň. Nokatlaryň ýerine degişli çekimlini goýmagy unutmaň.

Maral her gün ir t...rýar. Ýorgan-d...şegini ýygnaýar. Bed...nterbiýe maşklaryny edýär. Soňra s... byn bilen ýuwunýar. Ertirlik nah...ryny iýip, mekdebe gidýär.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

27-nji gönükme. Özüňizden içinde ýogyn çekimlisi bolan miweleriň atlaryny ýazyň. Aralarynda dyngy belgi goýmagy unutmaň.

Nusga: alma, armyt, ...

28-nji gönükme. Tapmaçany okaň we göçüriň.

Sandyk doly ak sadap.

(ɹəlʂıp əʍ zʎɓɐ)

Iki dogan, bir-birini görmeýär.

(ɹəlzǫɓ)

Demir galaň içinde, gyzyl taýym oýnaýar.

(ɹəlʂıp əʍ ılp)

Ýogyn çekimlileriň aşagyny çyzyň.

29-njy gönükme. Saglyga degişli nakyllary okaň we göçüriň.

Ynsan ýaltalykdan kesel bolar,
Zähmetden bolsa sagdyn bolar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Arassalyk-saglygyň girewidir.
Saglyk – baş baýlyk.

Işdä keselden gaçar, sagdynlara dost bolar.

Ýogyn çekimlileriň aşagyny çyzyň.

30-njy gönükme. Aşakdaky öwüt-nesihat häsiýetli sözlemleri okaň we göçüriň.

Gapy açyk bolsa-da, sorap gir.

Buýrulsa işden gaçma, rugsatsyz gapy açma.

Az sözle, köp diňle.

Inçe çekimlili sözleri aýdyp beriň.

31-nji gönükme. Teksti okaň.

Gyş

Kalendar boýunça gyş 1-nji dekabrdan başlanýar. Emma astronomlar 22-nji dekabry, ýagny ýylyň iň gys-

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ga gününi gyşyň başlanyşy diýip hasaplaýarlar.

Soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň:

1. Bir ýylda näçe pasyl bar?
2. Häzir ýylyň haýsy pasly?
3. Gyş paslyna haýsy aýlar giryär?

Ýazan sözlemleriňizdäki inçe çekimlili sözleriň aşagyny çyzyň.

Sözüň birinji çekimlisi ýogyn bolsa, soňky çekimlileri hem ýogyn bolýar.

Sözüň birinji çekimlisi inçe bolsa, soňky çekimlileri hem inçe bolýar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

32-nji gönükme. Matallary okaň we jogabyny ýazyň.

Aýagy ýok, eli ýok,
Aýnalary tyrkyldadýar.
Myhman bolup bagyma,
Hoşboý ysyn dargadýar. (Şemal)

Zer halym, zergär halym.
Götersem agyr halym. (Ýer)

Göze görünmez,
Elde tutulmaz,
Burnuňa girmän galmaz. (Howa)

33-nji gönükme. Guşlaryň atlaryny okaň we göçüriň. Diňe inçe çekimliniň aşagyny çyzyň.

Kepderi, serçe, laçyn, gumry, kä-kilik, bürgüt, garlawaç, hüýpüýpik, ördek, gaz, durna, sülgün.

34-nji gönükme. Okaň we göçüriň. Diňe ýogyn çekimlileriň aşagyny çyzyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Howanyň alamatlary

Eger gar güýçli we çalt ýagsa çalt dynýar. Haýal ýagsa uzak ýagýar.

Howa açyk güni gije goýy ümür düşse, gijesine sowuk bolýar.

35-nji gönükme. Goşgyny göçuriň. Diňe ýogyn çekimlileriň aşagyny çyzyň.

Ülkäm gözel we abat,
Bize berdi uly bagt.
Ýaýnadýar ol bagrynda,
Oýnadyp gujagynda.

36-njy gönükme. Nakyllary okaň we göçüriň. Inçe çekimlileriň aşagyny çyzyň.

Bahylyň bagy gögermez,
Gögerse hem, miwe bermez.

Bahyl bolma, sahy bol,
Hemişe bol açyk gol.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

37-nji gönükme. Özüňizden okuw esbaplarynyň atlaryny ýazyň. Ýogyn çekimlileriň aşagyny çyzyň.

Nusga: Kitap, galam, depder, …

38-nji gönükme. Teksti okaň we diňe inçe çekimliler bolan sözleri göçüriň.

Daşkent

Daşkent – Özbegistan Respublikasynyň paýtagtydyr. Ol gözel we bagbossanlara baý şäherdir. Daşkentde birnäçe owadan binalar, muzeýler we seýil baglary bar. Daşkent metrosy owadan. Ol ýerde «Tashkent City» gurulýar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

39-njy gönükme. Nahar atlaryny ýazyň.

Nusga: Dograma, çorba, palaw, ...

Sözüň içinde ýogyn çekimli bolsa, degişli ýerinde y ýazylýar.

Sözüň içinde inçe çekimli bolsa, degişli ýerinde i ýazylýar.

40-njy gönükme. Şygry okaň we göçüriň. Nokatlaryň ýerinde y ýa-da i çekimlileriniň birini ýazyň.

Öwrener ilk ... edep –
Kitaby okan oglan.
Ýüzü-de bolar aç...k –
Kitaby okan oglan.

Hormat eder ul...ny,
Kiç...ler oň jan-teni,
Ýer...ne ýetirer wadas...n.
Kitaby okan oglan.

Polat Mömin

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

41-nji gönükme. Nakyllary okaň we göçüriň. Göçüreniňizde nokatlaryň ýerine y ýa-da i çekimlisini ýazyň.

Kitap – seniň iň oňat dostuňdyr.
Kitaby aýawl... saklaň
Kitap hazyna – bilim baýlyk.
Kitap – bilim çeşmes...dir.

Näme üçin **y** ýa-da **i** ýazmagyňyzyň sebäbini aýdyň.

42-nji gönükme. Özüňizden içinde y çekimlisi bolan bäş sany adam adyny, içinde i çekimlisi bolan bäş sany adam adyny ýazyň.

Nusga: Nuryagdy, ...
Bäşim, ...

43-nji gönükme. Teksti okaň we göçüriň. Nokatlaryň ýerine degişli y ýa-da i çekimlisini ýazyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gyşda adamlaryň zähmeti

G...şda suwçylaryň iş... köp bolýar. Meýdanlar ýaz ekişine taý...nlanýar. Guşlar, s...gyr, goýun we beýlek... haýwanlar bak...lýan fermalarda hem işler köp bolýar. Tehnikalary bahar möwsümine taýýarlaýarlar.

44-nji gönükme. Soraglara ýazmaça jogap beriň. Ýazan sözlemleriňizde **y**, **i** çekimlili sözlerde **y**, **i** harplarynyň ýazylmagynyň sebäbini düşündiriň.

Soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň:

1. Seniň adyň kim?
2. Sen näçenji synpda okaýarsyň?
3. Seniň partadaşyňyň ady kim?
4. Ol nähili okaýar?

45-nji gönükme. Özüňizden çöl haýwanlarynyň atlaryny ýazyň.

Nusga: Alaka, ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

AÇYK WE DYMYK ÇEKIMSIZLER

46-njy gönükme. Suratlaryň adyny okaň we olaryň birinji harpyny aýdyň.

47-nji gönükme. Suratlaryň adyny tapyp, depderiňize ýazyň.

Bu sözleriň birinji harplaryny belläň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

48-nji gönükme. Hüwdüleri göçüriň we ýat tutuň.

Agzy oýmak, burny pisse,
Ony ýasan çeper ussa.
Ussadyndan uz geldi,
Ogul ýerne gyz geldi.
Huwwa, balam, huwwa-huw!

Aý gyzym, alma gyzym.
Hiç haçan ölme, gyzym.
Sensiň eneň bägüli,
Hiç wagt solma, gyzym
Huwwa-huw!

G, b, d, j – açyk çekimsiz sesdir.

49-njy gönükme. Hekaýajygy okaň.

Durdy

Durdy birinji synpda okaýar. Durdy mekdepde özüni örän tertipli

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

alyp **barýar**. Ol **depderlerini** arassa saklaýar. Durdy matematikany gowy görýär. Ol **programmist** bolar.

Has gara ýazylan sözleri depderiňize göçüriň. Açyk çekimsizleriň aşagyny çyzyň.

50-nji gönükme. Öý goşlarynyň, eşikleriň, gap-gaçlaryň atlaryny göçüriň we açyk g, b, d, j çekimsizleriniň aşagyny çyzyň.

Gazan, tabak, haly, keçe, düşekçe, jalbar, don, botinka, jorap, gaýçy, bedre.

51-nji gönükme. Şygry okaň we göçüriň.

Durdy okuwa Tertipli gezýär,
Höwesli gaty. Mekdepde, daşda.
Göwnüň göteryýär Görelde boldy
Keşde dek haty. Okuwda, işde.

G, b, d, j sesleri nähili çekimsizler?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

52-nji gönükme. Goşgyny labyzly okaň.

Gar ýagýar

Gar ýagyp dur güpbüldäp,
Zor ýagyp dur güpbüldäp,
Ap-ak boldy meýdanlar,
Geliň, geliň çagalar!

Tapyň konki, lyžany,
Könemi, täze, ýok zyýany,
Garlar oýnap ýagyp dur,
Asman oýnap ýagyp dur.

Bagjagazlar ýasanýar,
Aýazbaba ýasalýar.
Çalt boluň oýnaň oýny,
Wagty gelendir oýnuň.

Goý, gyzyşsyn oýnumyz,
Gyzsyn aýak, boýnumyz.
Gar ýagyp dur güpbüldäp,
Zor ýagyp dur güpbüldäp.

Anwar Abitjan

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Açyk **g, b, d, j** çekimsizlerini aýdyp beriň.

53-nji gönükme. Tapmaçalaryň jogabyny tapyň we onuň suratyny çekiň.

Pes – pesejik boýy bar,
Ýedi gatly dony bar. (uɐɓos)

Gat – gat dony bar,
Ýeke garyç boýy bar. (ɯəlɐk)

Kiçijik gazanjyk,
Içi doly çüýjagaz. (ɹɐu)

54-nji gönükme. Özüňizden açyk g, b, d, j sesleri bilen gelýän sözleri tapyp, depderiňize ýazyň.

N u s g a: gawun, …

55-nji gönükme. Hüwdini okaň we ýat tutuň.

Aý ýüzünde el halyň,
Bardyr agzyňda balyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Baldan süýji bal balam,
Saňa gurban bolaýyn.

Aýlanaýyn adyňdan,
Ady ýagşy, bäbegim.
Öwrüleýin men senden,
Ysy gowy, bäbegim.

Allalar etsem ýaraşar,
Boýuňa güller dolaşar.
Gül dolasaň boýlaryňa,
Zerbap donlar ýaraşar.
Huwwa – huw!

G, b, d, j çekimsizlerini aýdyp beriň.

56-njy gönükme. Teksti okaň we içinde açyk g, b, d, j çekimsizleri bar bolan sözleri saýlap göçüriň.

Agzybirligiň netijesi

Biziň ýurdumyzda dürli milletler ýaşaýar. Olar özbekler, türkmenler,

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ruslar, azerbaýjanlar, gazaklar, gyrgyzlar. Bular agzybir ýaşaýarlar.

Nusga: Biziň, ýurdumyzda, dürli, türkmenler, …

57-nji gönükme. Gök önümleriň we miweleriň atlaryny depderiňize ýazyň. Açyk g, b, d, j çekimsizleriniň aşagyny çyzyň.

Nusga: gawun, garpyz, badamjan, burç, noýba, …

K, p, t, ç – dymyk çekimsiz seslerdir.

58-nji gönükme. Suratlaryň adyny aýdyň we olaryň birinji harpyny okaň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

59-njy gönükme. Özüňizden iki sany sözlem düzüp, depderiňize ýazyň. Olaryň birinjisinde käşir, ikinjisinde palta sözüni ulanyň.

60-njy gönükme. Suratlaryň adyny depderiňize ýazyň we olaryň birinji harpyny aýdyň.

Olaryň hersini ulanyp sözlem düzüň.

61-nji gönükme. Öý haýwanlarynyň atlaryny depderiňize ýazyň.

Nusga: sygyr, ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

62-nji gönükme. Soraglary okaň ýazuw üsti bilen jogap beriň.

1. Bu gün howa nähili?
2. Çagalar nähili geýinýärler?
3. Gyş paslyna haýsy aýlar degişli?
4. Gyş paslyndan soň haýsy pasyl gelýär?

63-nji gönükme. Nokatlaryň ýerine degişli harpy goýup sözleri göçüriň.

Pişi..., ...äşir, ...elpek, ...ekiç, ...artoşka, ...omidor, ...öňňe, ...üý.

64-nji gönükme. Synpyňyzdaky gyzlaryň atlaryny depderiňize ýazyň.

Nusga: Aýna, ...

Dymyk k, p, t, ç çekimsizleriniň aşagyny çyzyň.

65-nji gönükme. Sözleri göçüriň we dymyk k, p, t, ç çekimsizleriniň aşagyny çyzyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Çaý, tilki, pil, kilim, kädi, pişik, teneçir, çemçe, käse, pagta, tut, çaga.

66-njy gönükme. Suratlaryň adyny depderiňize ýazyň we olaryň birinji harpyny aýdyň.

67-nji gönükme. Nakyllary göçüriň.

Baharky hereket,
Güýzki bereket.

Zähmet çekmän rähnet bolmaz,
Tohum sepmän ekin bolmaz.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dymyk k, p, t, ç çekimsizlerini aýdyp beriň.

68-nji gönükme. Sözlemleri göçüriň. Dymyk k, p, t, ç çekimsizleriniň aşagyny çyzyň.

1. Düýäniň köşegi hem bar. 2. Pagta biziň baýlygymyz. 3. Tilki örän mekir haýwan bolýar. 4. Kakam dükandan çekiç aldy.

69-njy gönükme. Göçüriň. Nokatlaryň ýerine degişli k, p, t, ç seslerini ýazyň.

Aga..., çary..., sada..., örkü..., toşa..., çigi..., aýa..., süý..., gurja..., saga... .

70-nji gönükme. Nakyllary göçüriň we ýat tutuň.

Altyn-kümüşiň könesi bolmaz,
Ata-enäniň bahasy.
Hünärli zor, hünärsiz hor.

Özüňizden iki sany nakyl ýazyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

BOGUN

Sözüň bir bada aýdylýan bölegine bogun diýilýär.

Meselem: og – lan, ki – tap.

71-nji gönükme. Sözleri üns berip okaň we göçüriň.

Bag, jo – rap, mek – dep, ör – dek, ge – çi, ha – ly, gu – zy, at, pi – şik, gö – le, sy – çan, it.

Her sözüň näçe böleklerden düzülendigini aýdyň.

72-nji gönükme. Sözlemleri göçüriň. Has gara ýazylan sözleri bogna bölüň.

1. Maral birinji synpda okaýar. 2. Gözel şähere gitdi. 3. Aman edepli okuwçy. 4. Sona ejesine kömek berýär. 5. Okuwçy hat ýazýar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

73-nji gönükme. Sözleri bogna bölüp göçüriň.

Alma, erik, nar, garaly, üzüm, şetdaly, ülje, armyt, alça.

74-nji gönükme. Teksti okaň we bogunlara bölünip ýazylan sözleri göçüriň.

Bahar gel – di. Bag – lar – da güller açyldy. As – man – da guş – lar uçýarlar. Ýerde garynjalar görnüp baş – la – dy. Ýaplarda suw ak – ýar.

Göçüren sözüňizde näçe bogun bar? Şol sözde näçe çekimli ses bar?

75-nji gönükme. Sözleri okaň we bogna bölüp göçüriň.

Mekdep, kitap, meýdan, pişik, oglan, nar, üzüm, çagalar, kino, gyz, alça, ene, ýüpek, ýazdy, gara, selme, at.

Her sözde näçe bogun, näçe çekimli bardygyny anyklaň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

76-njy gönükme. Öý haýwanlarynyň atlaryny bogna bölüp ýazyň.

Meselem: Sy – gyr, ...

Sözde näçe çekimli bar bolsa, şonça hem bogun bolýar.

77-nji gönükme. Teksti okaň we göçüriň. Göçüreniňizde sözleri bogna bölüp göçüriň.

Bahar geldi. Howa maýlady. Käbir agaçlar ýapraklady. Garlawaçlar uçup gelip başladylar. Meýdanlar ýaşyl otlara bürendi. Adamlar we tehnika meýdanda işleýärler.

78-nji gönükme. Şygry labyzly okaň.

Ýagyşly gün

Aglaýarka
Näme asman?
Gözýaş dökýär
Yzyn kesmän.

Ah, ol bizi
Gören däldir.
Ene, ene
Diňdirsene.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýa agasy Urdumyka?
Ýa ukudan Turdumyka?
Azaşyb-a Ýören däldir?

Ajygandyr Emdirsene!
Eliň ýetse Alyp ber-dä!
Götereýin Özüm ýerde.

Has gara ýazylan sözleri bogunlara bölüp göçüriň we olaryň her birinde näçe bogun bardygyny aýdyň.

79-njy gönükme. Tapmaçany göçüriň we jogabyny tapyň.

«A» – diýsem, açylýar,
«B» diýsem ýapylýar. (Dodak)

80-nji gönükme. Sözleri nusgada görkezilişi ýaly edip, depderiňize ýazyň.

Bu gün martyň sekizi,
Seň baýramyň enejan.
Gutlaýarys barymyz:
«Uzak ýaşa mähriban!»

Halbibi Mätdurdyýewa

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gowaça, oýnawaç, Merjen, gül, mekdep, ýaz, Nury, galam, möjek, çöl, okuwçy, towşan, depder, çaga.

Nusga: Bir bogunly sözler: gül, …
Iki bogunly sözler: Merjen, …
Üç bogunly sözler: gowaça, …

81-nji gönükme. Şygry labyzly okaň.

Eneler

Melhemsiňiz siz özüňiz,
Perzende derman özüňiz,
Bir ten – u bir jan özüňiz.
Aladaçyl Siz, eneler,
Göwherimiz Siz, eneler.

Kalbymyzda mähriňiz bar,
Mähre doly keşbiňiz bar,
Bagtymyza ene – Siz bar.
Aladaçyl Siz, eneler,
Göwherimiz Siz, eneler.

Ötkir Raşid

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Has gara ýazylan sözleri bogunlara bölüp göçüriň we olaryň her birinde näçe bogun bardygyny aýdyň.

82-nji gönükme. Bir bogunly sözden bäş, iki bogunly sözden bäş söz depderiňize ýazyň.

Nusga:bir bogunly söz: at, ...
Iki bogunly söz: al – ma, ...

83-nji gönükme. Sözlemleri bogna bölüp göçüriň. Her sözde näçe bogun, näçe çekimli bardygyny anyklaň.

Sona bedre bilen suw alyp gitdi. Ejesi çaý gaýnatdy. Olar çaý içdiler. Sona kitap okady. Ejesi işe gitdi.

84-nji gönükme. Sözleri oýlanyp tapyň we öýjüklere ýazyň.

1. Näme bilen ys alýarys?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Sagat däl, dükgüldeýär.



85-nji gönükme. Berlen bogunlardan söz düzüň we ýazyň.

Gyr, jek, şyn, sy, gö, ýol, ge, le, çi, pag, bars, ma, mö, ki, ta, tap.

Nusga: sygyr, …

86-njy gönükme. Sözlemleri göçüriň haýwan atlaryny bogna bölüp ýazyň.

Biziň öýde pişik, güjük we goýun bar. Sygyr at, geçi, hem öý haýwanlary. Sygyr we geçi süýt berýär. At ýük daşaýar. Güjük öýi goraýar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

87-nji gönükme. Suratlaryň atlaryny bogna bölüp ýazyň.

88-nji gönükme. Söz böleklerini birleşdirseňiz bir nakyly okarsyňyz.

Kes ýe bir di çäp öl

Ýogyn çekimlili bogna ýogyn bogun, inçe çekimlili bogna inçe bogun diýilýär.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

89-njy gönükme. Şygry okaň we diňe ýogyn bogundan düzülen sözleri aýdyp beriň.

Galamy galamdanda,
Kitaplary jaýynda,
Depderleri ýerinde,
Galdyrmaýar hiç ýerde
Arassa gyz Azada.

Depderi ýyrtylmaýar,
Galamy saçylmaýar.
Kitaby eplenmeýär
Ony hapalamaýar
Arassa gyz Azada.

Has gara ýazylan sözleri bogunlara bölüp göçüriň we olaryň her biriniň nähili bogundygyny aýdyň.

90-njy gönükme. Ýaňyltmajy okaň we göçüriň.

Gök çäýnekde gök gapak, ak çäýnekde ak gapak.

Ýat tutuň we tiz aýdyp öwreniň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

91-nji gönükme. Okaň. Nämäniň nähili hereket edýändigini tapyň we ýazyň.

Guş	bökýär
Balyk	süýrenýär
Ýylan	ýüzýär
Maýmyn	uçýar

92-nji gönükme. Şygry okaň we ony bogunlara bölüp göçüriň.

Her gün irden turýaryn,
Şatlanypjyk gezýärin.
«Salam» bersem görene,
Ýene bir gez ösýärin.

Bibi, daýy daýzama,
Salam berýän eneme.
Salam sözi mukaddes,
Salam özi mukaddes.

Kambar Ataýew

93-nji gönükme. Sözlemleri okaň we haýwan atlaryny bogna bölüp ýazyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dynç alyş güni biz haýwanat bagyna bardyk. Ol ýerde kapasada ýolbars we gaplaň bardy. Ol ýerde pil we keýik hem bar. Agaçlarda maýmynlar hem köp.

94-nji gönükme. Iki bogunly on sany söz tapyň we olary bogna bölüp, depderiňize ýazyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

DODAK ÇEKIMLILERI

O, ö, u, ü – dodak çekimlileridir.

95-nji gönükme. Okaň we göçüriň. Dodak çekimlileriniň aşagyny çyzyň.

Dolak, jorap, ördek, söwüt, börek, orak, süzgüç, kömelek, oýnawaç, oýna.

96-njy gönükme. Teksti okaň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Nowruz baýramy

Nowruz baýramy – bahar baýramy. Nowruz – bu täze ýyl. Biz baýramda oýnaýarys, aýdym aýdýarys, şatlanýarys. Nowruz baýramyňyz mübärek bolsun!

Tekstiň birinji, ikinji sözlemini depderiňize göçüriň. Dodak çekimlileriniň aşagyny çyzyň.

97-nji gönükme. Tapmaçany okaň we göçüriň. Onuň jogabyny tapyň.

Gündogardan çykýar ol daň çagy,
Günbatarda bolýar onuň ýatagy.

(Gün)

Dodak çekimlileriniň aşagyny çyzyň.

98-nji gönükme. Tapmaçany ýazyň we dogry jogabyny tapyň.

Iki enäniň on ogly,
Hersiniň öz ady bar.

(El we barmaklar)

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

O, ö – dodak çekimlisi sözüň birinji bognunda ýazylýar.

99-njy gönükme. Sözlemleri okaň we göçüriň.

Nowruz baýramynda ejem we garry enem semeni bişirdiler. Hemme semeni iýdi. Rüstem saz çaldy. Biz oýnadyk.

Dodak çekimlileriniň aşagyny çyzyň.

100-nji gönükme. Teksti okaň we göçüriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Sapar we Maral ikisi dost. Olar bir mekdepde okaýarlar. Öýde olar bile oýnaýarlar. Bir gezek olar güjük tapdylar. Güjük kiçijekdi. Sapar güjük üçin guty ýasady. Güjük gutuda ýatdy.

Dodak çekimlileriniň näçenji bogunlarda ýazylandygyna üns beriň.

101-nji gönükme. Sözleri okaň we göçüriň. Bularyň ikinji bognunda haýsy çekimlileriň eşidilýändigini we haýsy çekimliniň ýazylandygyny aýdyň.

Körek, çörek, orak, börek, ördek, towuk, ýowar, goýun, döwek, kömek.

102-nji gönükme. Nokatlaryň ýerine degişli çekimlileri ýazyp, sözleri göçüriň.

Çop...n, ogl...n, hor...z, Öw...z, ýowş...n, oj...r, söz...n.

U, ü – dodak çekimlisi sözüň birinji we ikinji bogunlarynda ýazylýar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

103-nji gönükme. Teksti okaň.

Biziň mekdebimiz

Bu biziň mekdebimiz. Biziň mekdebimiz täze. Mekdebimiziň ýanynda uly bag bar. Biz her gün mekdebe gelýäris. Mekdepde biz ýazýarys, okaýarys, mesele işleýäris, surat çekýäris. Arakesmede biz oýnaýarys.

Soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň.

1. Bu kimiň mekdebi?
2. Mekdepde siz näme edýärsiňiz?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

104-nji gönükme. Teksti okaň we göçüriň.

Arakesmede

Arakesmede biz pişik-syçan oýnuny oýnadyk. Biz el tutup, tegelenip durduk. Aýna pişik boldy. Dursun syçan boldy. Syçan gaçdy. Pişik syçany kowdy. Aýna Dursuny tutdy.

Dodak çekimlileriniň aşagyny çyzyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

105-nji gönükme. Guşlaryň atlaryny bogna bölüp ýazyň.

Nusga: Sül-gün, ...

Dodak çekimlileriniň näçenji bogunlarda ýazylýanlygyna üns beriň.

106-njy gönükme. Ýaňyltmajy okaň we göçüriň.

Gyşda kişmiş bişmezmiş,
Bişse kişmiş gyş dälmiş.

Ýaňyltmajy ýat tutuň we tiz aýtmagy öwreniň.

107-nji gönükme. Sözleri ýazyň. Nokatlaryň ýerine degişli dodak çekimlilerini goýuň.

Or...k, tow...k, od...n, S...ltan, ...mar, S...na, ...kara, ...wlak, ...tuz.

108-nji gönükme. Teksti okaň we göçüriň. Dodak çekimlileriniň aşagyny çyzyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Jüýjejik

Biziň towugymyz bar. Ol on sany jüýje çykardy. Olar örän kiçijik. Reňkleri saryja. Biz olara ýumurtga we dary berýäris.

109-njy gönükme. Tapmaçany okaň we göçüriň.

Dörtdür onuň aýagy,
Demir çüýli toýnagy.

Menziliňe ýetirer,
Daşdan gaty toýnagy.

(At)

Dodak çekimlileriniň aşagyny çyzyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SÖZ

110-njy gönükme. Hekaýajygy okaň, hekaýajykda näçe söz bardygyny aýdyp beriň.

Kitaphanada

Biziň mekdebimizde kitaphana bar. Ol ýerde kitaplar, gazetler we žurnallar bar. Men Dursun we Aýna bilen kitaphana bardym. Ol ýerden gyzykly erteki kitabyny aldym. Men erteki we hekaýa okamagy gowy görýärin.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Söz seslerden emele gelýär we özbaşdak many aňladýar.

Meselem: eje, oglan, agaç.

111-nji gönükme. Aşakdaky sözlemleri okaň we göçüriň. Her bir sözüň nähili many aňladýandygyna üns beriň.

Gyzykly oýun

Çagalar oýna gyzykdylar. Oýun uzaga çekdi. Sebäbi ol oýun çagalara örän ýarady. Soňra olar dynç aldylar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

112-nji gönükme. Okaň we göçüriň. Kim? we näme? diýen soraglara jogap bolýan sözleriň manysyna üns beriň.

Kim? – Serdar, mugallym, ene, gelneje, daýy, gyz.

Näme? – kitap, galam, agaç, sygyr, düýe, serçe.

113-nji gönükme. Aşakdaky sözleri sözlem içinde getirip, sözlem düzüň.

Çekiç, ördek, kitap, alma, ene, oglan.

114-nji gönükme. Teksti okaň we göçüriň.

Emir Temuryň öwütleri

Güýç adalatdadyr.

Bu günki işiňi ertä galdyrma.

Adamyň adyny, onuň özüni aňladýan sözler kim? diýen soraga jogap bolýarlar.

Meselem: kim?-Eje, kim?-Kaka, kim?-çaga.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

115-nji gönükme. Okaň. Soňra kim? diýen soraga jogap bolýan sözleri göçürip alyň.

Aman, ejem, kakam, depder, galam, daýzam, bag, suw, mugallym, depe, okuwçy, dag, köçe.

Nusga: Kim? Aman, …

116-njy gönükme. Sözleri okaň. Kim? we näme? diýen soraglara jogap bolýan sözleri nusgadaky ýaly edip ýazyň.

Merjen, garpyz, syçan, maşyn, tikinçi, armyt, çaga, ýorunja, hoz, başlyk daýhan, pil.

Nusga: Kim? – Merjen, …

Näme? – garpyz, …

117-nji gönükme. Suratlara seredip soraglara dilden jogap beriň, soňra göçüriň.

Bu kim?

1.

2.

3.

4.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Predmetleri we haýwanlary aňladýan sözler näme? diýen soraga jogap bolýarlar.

Meselem:

Näme? – pişik.	Näme? – at.
Näme? – ördek.	Näme? – ruçka.
Näme? – maşyn.	Näme? – agaç.
Näme? – suw.	

118-nji gönükme. Okaň we näme? diýen soraga jogap bolýan sözleri aýdyp beriň.

Näme? – galam	Kim? – okuwçy
Näme? – ýolbars	Näme? – alma
Kim? – gyz	Kim? – gelneje
Näme? – ýorunja	Kim? – garry ata.

119-njy gönükme. Suratlara seredip, soraglara dilden jogap beriň.

Bu näme?

1. 2. 3. 4.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

120-nji gönükme. Surata serediň. Berlen soragyň jogabyny depderiňize ýazyň.

1.

Näme suw içýär?

2.

Näme ot iýýär?

3.

Näme ýer sürýär?

4.

Sygyr näme berýär?

121-nji gönükme. Okaň, soňra kim? we näme? diýen soraglara jogap bolýan sözleri nusgadaky ýaly edip depderiňize göçüriň.

Kartoşka, towşan, et, sabyn, sygyr, haly, ene, kitap, şofýor, lukman, geçi, owlak, okuwçy, galam, kelem.

Nusga: Kim? – ene, şofýor, ...
Näme? – kartoşka, towşan, ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

122-nji gönükme. Tapmaçany okaň we göçüriň.

Tapmaça

Ýata bolsun, ha akar,
Içinde başşak böker.
Çümüp, ýüzüp ýadan soň,
Keýp edip gyra çykar.

Suwsuz ýerde gezmezek,
Arpa-bugdaý iýmezek.
Saz-söhbetiň içinde,
Gyş düşenin duýmazak.

Nurberdi Pomma

Jogabyny oýlanyp tapyň.

123-nji gönükme. Özüňizden kim? diýen soraga jogap bolýan bäş sany söz, näme? diýen soraga jogap bolýan bäş sany söz depderiňize ýazyň.

Nusga:

Kim? – Çagalar, dogan, …

Näme? – suw, harp, …

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

124-nji gönükme. Surata syn ediň. Soraglara ýazuw üsti bilen jogap beriň.

Ekin meýdanynda

1. Suratda siz kimleri görýärsiňiz?
2. Bu işler haýsy pasylda ýerine ýetirilýär?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

125-nji gönükme. Nakyly okaň we göçüriň.

El-eli ýuwar, iki el birigip – ýüzi.
Hakyky dost işde belli.
Dost dostuň aýnasydyr

126-nji gönükme. Öz oýnan oýunjaklaryňyzyň adyny ýazyň. Olaryň nähili soraga jogap bolýandygyny aýdyp beriň.

Nusga: Maşyn, top, …

127-nji gönükme. Tapmaçany okaň we ýat tutuň.

Ol çopanyň ýoldaşy,
Goýunlaryň göwündeşi.
Goýun örä gidende,
Aýrylman saklar goşy.

Gara, ala, ak bolýar,
Sary, goňur, gök bolýar.
Adamyň ýakyn dosty,
Hyzmaty oň päk bolýar.

Nurberdi Pomma

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

128-nji gönükme. Kitap hakynda ýazylanlary oka we ýatda sakla!

Kitap okamagy öwreniň.
Kitaby tämiz sakla, hapalama.
Kitabyň arasynda zat goýma.
Kitap okaýarkaň dogry otur.
Kitap – bilim çeşmesidir.

Depderiňize göçürip ýazyň.

129-njy gönükme. Gök önümleriň atlaryny depderiňize ýazyň.

Nusga: Käşir, sogan, …

Bu sözler nähili soraga jogap bolýarlar?

130-njy gönükme. Ilki öý haýwanlaryny, soňra çöl haýwanlaryny ýazyň.

Nusga: Öý haýwanlary: göle, …
Çöl haýwanlary: möjek, …

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

131-nji gönükme. Teksti okaň we göçüriň.

Guşlar biziň dostumyz

Guşlar baharda uçup gelýärler. Olar özüne jaý guryarlar. Ýumurtga goýup, çaga çykarýarlar. Guşlar bize peýda berýärler. Çagalar, guşlar barada alada ediň!

132-nji gönükme. Guşlaryň atlaryny depderiňize ýazyň.

Nusga: Toty, käkilik, ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

BAŞ HARP

Adam atlary, şäher, oba atlary baş harp bilen ýazylýar.

133-nji gönükme. Hekaýany okaň.

Biziň synpymyz

Biz birinji synpda okaýarys. Synpymyzda otuz okuwçy okaýar. Olardan on alty sanysy gyzlar. Men birinji partada oturýaryn. Meniň ýoldaşymyň ady Maýsa. Bizi Gözel Abdullaýewa okadýar.

Adam atlaryny saýlap göçüriň.

134-nji gönükme. Soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň.

1. Seniň adyň kim?
2. Seniň ejeň ady kim?
3. Seni okadýan mugallymyň adyny we familiýasyny ýaz.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Adam atlaryny baş harp bilen ýazmagy unutmaň.

135-nji gönükme. Maşgalaňyzda ýaşaýan adamlaryň atlaryny ýazyň.

Nusga: Meniň ejemiň ady ...

136-njy gönükme. Tapmaçany ýazyň we jogabyny biliň.

Tapmaça

Ejemiz aýtsa bize
Ukymyz geler göze.

137-nji gönükme. Okaň. Adam atlarynyň, familiýalaryň hem-de olaryň birinji harpynyň nähili harp bilen ýazylýandygyny aýdyň.

Ýaňyljan birinji synpda okaýar. Ony Gülbahar Ballyýewa okadýar. Onuň jigisi Güljahan çagalar bagyna barýar. Çagalar bagynda olara Maral Amanowa seredýär.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Adam atlaryny saýlap göçüriň.

Nusga: Ýaňyljan, …

138-nji gönükme. Okaň we göçüriň.

Güljahanyň dogany Mahym bäşinji synpda okaýar. Wepa dosty Sapa bilen haýwanat bagyna bardy. Bu ussanyň ady Sapar aga.

Adam atlary nähili ýazylýar?

139-njy gönükme. Nokatlaryň ýerine degişli at ýazyp, sözlemleri göçüriň.

Meniň adym …
Meniň ejemiň ady …
Meniň daýymyň ady …
Meniň partadaşymyň ady …

140-njy gönükme. Şygry okaň we göçüriň.

Güneş nurun saçyp ýere.
Näme üçin birden, howa maýlady?
Çünki geldi bize bahar-ýaz,
Bile bolmak üçin bütin ýaz.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

141-nji gönükme. Synpyňyzdaky oglanlaryň atlaryny we familiýalaryny depderiňize ýazyň.

Şäher, oba atlarynyň birinji harpy baş harp bilen ýazylýar.

142-nji gönükme. Göçüriň, şäher we oba atlarynyň aşagyny çyzyň.

Daşkent – Özbegistanyň paýtagtydyr. Buhara, Samarkant, Hywa – gadymy şäherlerdir. Daşkent, Samarkant, Nöküs şäherleri demir ýoluň boýunda ýerleşýär.

143-nji gönükme. Nokatlaryň ýerine öz bilýän şäheriňiziň we obaňyzyň adyny ýazyp göçüriň.

Men tomusda ... şäherine bardym. Ýolda ... we ... şäherlerini hem gördüm. ... şäherinde ýokary okuw jaýlary bar.

144-nji gönükme. Öz bilýän şäher atlaryňyzy ýazyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Nusga: Buhara, …

145-nji gönükme. Sözlemleri okaň we göçüriň.

Dörtgüliň Akgamyş, Şorahan obalarynda pagta ekilýär. Kelteminar, Bagýap obalarynda towuk bakylýar. Ýaýma, Gökje obalarynda maldarçylyk pudagy ösen.

Şaher we oba atlarynyň nähili ýazylandygyny ýatda saklaň.

146-njy gönükme. Nokatlaryň ýerine degişli atlary goýup, sözlemleri göçüriň.

Özbegistanyň paýtagty … şäheridir. … şäherinde metro bar. …, …, … obalarynda gök-önümler ýetişdirilýär.

147-nji gönükme. Öz bilýän oba we şäher atlaryndan sekiz sanysyny ýazyň.

Nusga: Ýaýma, …

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

148-nji gönükme. Nokatlaryň ýerine şäher, oba atlaryny ýazyň.

Men … şäherini göresim gelýär. Meniň doganym … şäherinde ýaşaýar. …, … gadymy şäherlerdir.

149-njy gönükme. Tapmaçany ýazyň we jogabyny tapyň.

Ysyrganar it däldir,
Çommalar, adam däldir.

150-nji gönükme. Okaň we göçüriň.

Hatarymyzda kyrk sany dost,
Kyrkysy-da bir kemsiz dost.
Gunça, Gözel, Aşyr, Aman –
Birek-birege mähriban.

Adam atlarynyň aşagyny çyzyň.

Dag, derýa atlarynyň birinji harpy baş harp bilen ýazylýar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

151-nji gönükme. Sözlemleri göçüreniňizde nokatlaryň ýerine degişli harpy ýazmagy unutmaň.

Garadagdan günbatarda Nöküs ş…heri bar. Demir ýol Garadagy kesip g…çýär. Amyderýa Aral deňz…ne guýýar.

152-nji gönükme. Sözlemleri okaň we göçüriň.

Özbegistanda Amyderýa, Syrderýa ýaly uly derýalar bar. Olaryň suwundan peýdalanýarlar. Amyderýadan köp balyk tutýarlar. Aksuw, Güzer derýa atlarydyr.

Derýa atlarynyň ýazylyşyna üns beriň.

153-nji gönükme. Goşgyny okaň we göçüriň.

Jigim bile

«Jykyr-jykyr» güle-güle,
Okaýarys jigim bile.
«Kikir-kikir» güle-güle,
Oýnaýarys jigim bile.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Pykyr-pykyr» güle-güle,
Kino görýäs jigim bile.
Alýarys biz güle-güle,
Gülek adyn jigim bile.

Myratgeldi Söýegow

154-nji gönükme. Sözlemleri göçüriň. Degişli ýerinde nokat goýuň.

Derýalaryň suwy süýji bolýar Biziň ýurdumyzda Gurama, Fergana, Nurata ýaly dag ulgamlary bar Garadagdan mermer alynýar.

155-nji gönükme. Nakyllary okaň we göçüriň.

Adam eli — gyzyl gül.
Bal süýji, baldan-da bala süýji.
Myhman ataňdan uly.
Myhmanyň altynyny alma, alkyşyny al.

Öz bilýän nakyllaryňyzy aýdyp beriň.

156-njy gönükme. Nokatlaryň ýerine öz bilýän atlaryňyzy goýup, sözlemleri göçüriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Men … suwundan içdim. … balyk öran köp. … köp gazma baýlyklar alynýar.

PREDMETIŇ HILINI AŇLADÝAN SÖZLER

157-nji gönükme. Soraglary we olaryň jogabyny okaň.

Nähili kagyz?	Ak kagyz.
Nähili gant?	Süýji gant.
Neneňsi suw?	Şor suw.
Neneňsi alma?	Turşy alma.
Nähili burç?	Ajy burç.
Nähili derek?	Uzyn derek.

Has gara ýazylan sözleriň şol predmetiň hilini aňladýandygyna üns beriň.

158-nji gönükme. Nokatlaryň ýerine şol zadyň reňkini, formasyny aňladýan sözi ýazyp göçüriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

… gar, … kömür, … burç, … suw, … pagta, … köýnek, … agaç, … jüýje, … alma, … kömür.

159-njy gönükme. Berlen sözleriň öňünden reňkini, tagamyny bildirýän söz goşup ýazyň.

Üzüm, gawun, suw, gar.

Şu sözleri ulanyp sözlem düzüň.

160-njy gönükme. Sözleri göçüriň.

Turşy çal. Uzyn agaç. Gyzykly kitap. Gülli köýnek. Süýtli sygyr. Ala güjük. Gyzyl alma.

Nähili?, neneňsi? diýen soraga jogap bolýan sözleri aýdyp beriň.

161-nji gönükme. Nakyllary okaň we göçüriň.

Baharky hereket – güýzki bereket.
Birini çapsaň, onuny ek.
Bir ýyl tut eken adam
Ýüz ýyl göwher ýygar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

162-nji gönükme. Okaň, has gara ýazylan sözler nähili soraglara jogap bolýar?

Gülli ýorunja. Suwly ýap. Dury suw. Gök kepderi. Torly gawun. Ak gar. Sowuk howa. Gyzyl gül.

Has gara ýazylan sözleri göçüriň.

163-nji gönükme. Özüňiz bilýän güllleriňiziň adyny we reňkini ýazyň.

Nusga:
Gyzyl bägül, ...

164-nji gönükme. Nokatlaryň ýerine söz tapyp goýuň we göçüriň.

Ak ..., Gara ..., Gyzyl ..., Ýaşyl ..., Sary ..., Gök ... .

Nusga: Ak goýun, ak aýy, ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

165-nji gönükme. Tapmaçany okaň we göçüriň.

Tapmaça

Bulut gelip dür seçer,
Gün ýylgyryp, nur saçar,
Ýer mahmala bürenip
Dürli gülden don biçer.
Bu hezillik haçan bor?!
Hany oýlan, aýdyp ber.

Hojageldi Nurmyradow

166-njy gönükme. Göçüriň. Predmetiň hilini, reňkini, formasyny aňladýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Biz täze mekdepde okaýarys. Men gyzykly kitap okadym. Men kitabymy arassa saklaýaryn. Oglanlar ak köýnek, gara balak geýýärler.

Çyzan sözleriňiz nähili soraga jogap bolýar?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

167-nji gönükme. Şygry okaň we göçüriň.

Çemen-çemen güllere,
Baýdyr biziň ülkämiz.
Garap gözel güllere,
Guwanýarys hemmämiz.

Gül hakynda ýene nähili goşgy bilýärsiňiz?

168-nji gönükme. Tapmaçany okaň we depderiňize ýazyň.

Tapmaça

Ýere urdum paltany,
Agzy gyzyl haltany.
Ýerden bir oglan çykdy,
Uly iliň soltany. (Ʌəpɓnɐ)

Bugdaýdan näme alynýar?

169-njy gönükme. Nokatlaryň ýerine degişli söz goýup, depderiňize göçüriň.

Uly ... Kiçi ... Beýik ... Gysga ... Kiçijik ... Pesejik ... Uzyn ... Giň ... .

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

170-nji gönükme. Aşakdaky berlen sözleri ulanyp, özüňizden sözlem düzüň we depderiňize ýazyň.

Gyzyl, torly, gara, gülli.

Nusga: Enem maňa gyzyl köýnek tikip berdi.

171-nji gönükme. Matallary okaň we göçüriň.

Güýç-gudraty towudyr,
Horazdan has gowudyr.
Gije-gündiz ýadaman,
Wagty aýdar adama.

Matalym matdy,
Iki gulagy ýatdy,
Ýere girip, gum atdy.

Sessiz ýatar,
Duýdansyz tutar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

HEREKETI AŇLADÝAN SÖZLER

172-nji gönükme. Suratlara seredip, olaryň aşagynda ýazylan soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň.

Oglan näme edýär?

Gyz näme edýär?

Guş näme edýär?

Sygyr näme edýär?

173-nji gönükme. Okaň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

Kakam **işden** geldi.
Aman aga **şähere** gitdi.
Ol **şäherden** maşyn alyp geldi.
Ol firmada **işleýär**.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

174-nji gönükme. Sözlemleri okaň we göçüriň.

Ýaz geldi. Howa maýlady. Ýagyş ýagdy. Älemgoşar göründi. Maral kömelek tapdy. Jeren kebelek tutdy. Guşlar uçup geldiler.

Hereketi aňladýan sözleri tapyň.

175-nji gönükme. Okaň we göçüriň. Nokatlaryň ýerine şol söze degişli hereketi aňladýan sözi ýazyň.

Samolýot ... Guş ... Çagalar ... Kakam ... Ejem ... Mugallym ... Sygyr ... Horaz ...

Nusga: Samolýot uçýar.

Gymyldy-hereketi aňladýan sözler näme etdi?, näme edýär?, näme etjek?, näme eder? diýen soraglara jogap bolýarlar.

Meselem:

Näme etdi? okady, ýazdy...

Näme edýär? okaýar, ýazýar...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Näme etjek? okajak, ýazjak...
Näme eder? okar, ýazar...

176-njy gönükme. Göçüriň we näme etdi?, näme edýär?, näme eder?, näme etjek? diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Daň atdy. Gün çykdy. Älem gözel boldy. Biz ertirlik edindik. Çagalar mekdebe barýar. Sapak başlanýar. Mugallym geler.

177-njy gönükme. Göçüriň nokatlaryň ýerine dik çyzygyň sag tarapyndaky sözlerden şol zada degişli hereketi aňladýan sözi tapyp ýazyň.

Jaň	dokady
Sapak	ýagdy
Jeren	başlandy
Ejem jorap	geldi
Howa	kakyldy
Ýagyş	bulutlaşdy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

178-nji gönükme. Nokatlaryň ýerine ýaýyň içindäki soraglara jogap bolýan sözleri tapyp ýazyň.

Adyl mekdebe … (näme etdi?). Ol kitap … (näme etdi?). Kitapdaky goşgyny … (näme etdi?). Soňra surat … (näme etdi?).

179-njy gönükme. Göçüriň we näme etdi?, näme edýär?, näme etjek?, näme eder? diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Jeren okuwa geldi. Sapak başlandy. Ol bäşlik aldy. Bu ýyl ýaryşda birinji ýeri aldy. Geljek ýyl hem ýaryşa gatnaşar.

180-nji gönükme. Aşakdaky gymyldy-hereketi aňladýan sözleri ulanyp, özüňizden dört sany sözlem ýazyň.

Mündi, gitdi, açyldy, çykdy.

Nusga: Ejem maşyna mündi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

181-nji gönükme. Okaň. Näme etdi? diýen soraga jogap bolýan sözleri aýdyň.

Oraz sapagyny okady. Ol mesele çözdi. Bibi erteki okady. Soňra hemme dynç aldy.

182-nji gönükme. Goşgyny okaň we göçüriň. Näme etdi? diýen soraga jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Ýagdy-da ýagyş
Bulut sowuldy.
Tep-terje otlar,
Kemsiz ýuwuldy

183-nji gönükme. Okaň. Näme eder?, näme etjek? diýen soraglara jogap bolýan sözleri aýdyň.

Howa maýlar. Ejem işe gider. Ol haly dokar. Guş uçar. Men goşgy okajak. Kakam bilen şähere gitjek.

Iki sany sözlemi göçüriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

184-nji gönükme. Tapmaçany göçüriň we jogabyny tapyň.

Tapmaça

Diwarda bar zor halym,
Onda ýaşar giň älem.

185-nji gönükme. Okaň we göçüriň. Näme edýär? diýen soraga jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Obada

Biz obada ýaşaýarys. Biziň obamyz uly. Aman daýy goýun bakýar.

Onuň çopan iti bar. It çopana kömek berýär.

186-njy gönükme. Aşakdaky gymyldy-hereketi aňladýan sözleri nusgada görkezilişi ýaly ýazyp göçüriň.

Oýnajak, geler, öwreder, gitjek, sürer, ýaşar, otlar, oturar, etjek, gitjek, başlanjak, …

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Nusga:Näme eder? geler, …
Näme etjek? gitjek, …

187-nji gönükme. Tapmaçany okaň we göçüriň. Näme edýär? diýen soraga jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Doganda dogýar,
Oraga meňzeş.
Kem-kem ulalýar
Çörege meňzeş.

Meňzeş jemaly
Süýt guýlan jama.
Bilýän bolsaň aýt,
Hany bu näme?

188-nji gönükme. Göçüriň. Hereketi aňladýan sözleriň aşagyny çyzyň we olaryň nähili soraga jogap bolýandygyny aýdyň.

Bahar geldi. Bu gün ýagyş ýagar. Otlar gögerer. Howa maýlar we çagalar oýnar. Men Maýsa bilen oýnajak. Biz depä çykjak.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

189-njy gönükme. Ýaýyň içindäki soraglara öý haýwanlarynyň edýän hereketini jogap edip ýazyň.

Sygyr (näme edýär?)
Goýun (näme edýär?)
Horaz (näme edýär?)
At (näme edýär?)
Eşek (näme edýär?)
It (näme edýär?)
Pişik (näme edýär?)

190-njy gönükme. Okaň. Has gara ýazylan sözleri dilden bogna bölüň.

Käkilik

Käkilik dag gözelliginiň ýaraşygydyr. Ol ýaz aýlarynda dag depelerinde bolýar. Olar örän çalt uçýarlar. Käkilik juda owadan guşdur. Onuň käkeleýän sesi diýseň ýakymlydyr.

191-nji gönükme. Okaň we göçüriň. Adam atlaryny, şäher we oba atlaryny nähili harp bilen ýazmalydygyna üns beriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Men tomus kanikulynda Fergana jülgesine gitjek. Ol ýerde ýaşaýan doganym Maýsany görjek. Biz Kokant şäherine hem bararys. Namanganda süýji suwly bulaklar köp.

192-nji gönükme. Özüňize tanyş adamlaryň, şäherleriň, obalaryň atlaryny getirip, sözlemler düzüň we depderiňize ýazyň.

Nusga: Men gadymy şäher bolan Buharany göresim gelýär.

193-nji gönükme. Okaň. Bir zadyň hilini, reňkini bildirýän sözleri tapyp, olaryň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

Erik agajy

Barha galyp has belende,
Gök bahary söýýär erik.
Gülli bahar her gelende,
Akja köýnek geýýär erik.

Pirnepes Öwezliýew

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

194-nji gönükme. Göçüriň. Nähili?, neneňsi? diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Biziň ýurdumyzda uly şäherler, beýik daglar köp. Seniň gyzyl, sary galamyň barmy? Gyzyl köýnekli gyzjagazlar tans etdiler. Ejem gülli matadan köýnek tikdi.

195-nji gönükme. Okaň we has gara ýazylan sözleriň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

Gurban okady. Aman okaýar. Meret okajak. Jemal gitdi. Derman geldi. Dürli gider.

Hereketi aňladýan sözleri aýdyp beriň.

196-njy gönükme. Tapmaçany okaň we göçüriň.

Tapmaça

Alyp geldim bakjadan,
Ysy geler alysdan.
Gürbek, zamça, gülaby,
Şirinliginde syry.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

197-nji gönükme. Göçüriň we nokatlara derek ýaýyň içindäki soraglara jogap bolýan sözleri tapyp ýazyň.

Jigim gurjak ... (näme etdi?). Pişik syçan ... (näme edýär?). Bu gün howa maýyl ... (näme eder?). Kakam zawodda ... (näme edýär?). Bagda guşlar ... (näme edýär?). Garlawaç uçup ... (näme etdi?).

198-nji gönükme. Şygry göçüriň we ýat tutuň.

Serkerde babamyz

Emir Temur babamyz,
Mert hem batyr babamyz.
Söweş-jeňleri gezen,
Beýik döwlet-ýurt düzen.

Öçmez ady ebedi,
Ýüregmizde öwüdi.
Unutmarys hiç haçan,
Sizi beýik babamyz.

Muhtar Hudaýkulow

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SÖZLEM

199-njy gönükme. Sözlemleri okaň we göçüriň.

1. Biz mekdebe geldik.
2. Sen näçenji synpda okaýarsyň?
3. Okuwçylar, kitaby arassa saklaň!

Näçe sany sözlem ýazdyňyz?
Her sözlemde näçe sany söz bar?

> Sözlem sözlerden düzülip,
> gutaran bir pikiri aňladýar.
> Sözlem iki we ondan hem
> köp sözden düzülýär.

200-nji gönükme. Nokatlaryň ýerine galdyrylan harpy goýup, sözlemleri göçüriň.

Okuwçylar g...ldi. Olar s...np otagyna girdiler. M...gallym hem geldi. Okuwçylar mugallyma h...rmat goýý... rlar.

Her sözlemde näçe söz bar?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

201-nji gönükme. Sözlemleri okaň we göçüriň. Nokatlaryň ýerine degişli sözi tapyp goýuň.

Merediň jigisi birinji synpda...
Sen şu gün bize...
Baýramyňyz gutly...
(okaýar, geljekmi, bolsun).

202-nji gönükme. Okaň. Bu ýerde näçe sözlem bardygyny aýdyň.

Aýna her gün ir turýar. Düşegini ýygnaýar. Soňra ýuwunýar. Ertirlik edinýär. Okuwa gidýär. Ol hatyny arassa ýazýar. Men Aýna bilen bir partada oturýaryn.

Sözlemiň soňunda nähili belgi goýulýar?
Täze sözlem nähili harp bilen başlanyp ýazylýar?

203-nji gönükme. Okaň. Nirede nokat goýmalydygyny aýdyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Aýnur edepli gyz Ol birinji synpda okaýar Aýnur gowy okaýar Ol ejesine kömek berýär Aýnur jigisine kitap okap berýär

Gerekli ýerde nokat goýup göçüriň.

204-nji gönükme. Göçüriň.

Çopanlar

Döwran aga baş çopan. Onuň kömekçileri Rahym bilen Gurban. Olar goýun bakýarlar. Goýunlaryň guzulary bar. Çopan itleri olara kömek berýär.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Näçe sany sözlem ýazdyňyz?
Her sözlemde näçe sany söz bar?

205-nji gönükme. Okaň. Sözlemler näme hakynda habar berýär?

Samolýot uçdy. Samolýot ýolagçylary alyp gitdi. Samolýota köp adam sygýar. Menem samolýota mündüm. Samolýotyň içi örän oňat. Samolýot Nöküse gondy.

Samolýot hakynda näçe sany sözlem bar?
Her sözlemden soň nähili belgi goýulýar?
Her sözlem näçe sany sözden düzülen?

206-njy gönükme. Sözleri öz ýerinde ulanyp, sözlemler düzüň we depderiňize ýazyň.

1. Çagalar, ejem, bagyna. gitdi.
2. Agşam, oýun, mekdebimizde, görkeziljek.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Sagat, oýun, başlanýar, näçede?
4. Bolsun, gutly, toýuňyz!

Nusga: Ejem çagalar bagyna gitdi.

207-nji gönükme. Sözlemleri gerekli ýerinde nokat goýup göçüriň. Täze sözlemi baş harp bilen başlamagy unutmaň.

Obamyzda

Obamyzda çagalar bagy bar obamyzyň köp çagalary şoňa gatnaýar terbiýeçi çagalara erteki aýdyp berýär çagalar diňleýärler ol ýerde çagalaryň wagty gyzykly geçýär bizde çagalar hakda köp alada edilýär.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

GEÇILENLERI GAÝTALAMAK

208-nji gönükme. Göçüriň. Içinde o, ö dodak çekimlileri bar bolan sözleriň aşagyny çyzyň.

— Ilaman, ine kökäni al. Jerene ber. Ilaman kökäni alýar. Ol kökäni Jerene berýär. Jeren kökäni Baba bilen iýýär.

O, ö dodak çekimlileri näçenji bogunda ýazylýar?

209-njy gönükme. Göçüriň. Içinde u, ü dodak çeekimlileri bar bolan sözleriň aşagyny çyzyň.

Baharda dürli-dümen otlar gögeryär. Olaryň atlary sanardan-da kändir.

Ysmanak, jag-jag, atgulak. Narpyz, merjengül we meýdan çaýy ýaly otlar şypaly otlardyr.

Beýle ösümlikleri köki bilen goparmak bolmaýar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

210-njy gönükme. Galdyrylyp ýazylan sözleri goýup okaň we ýazyň.

Biz ... çagalar.
Bagdaky ... güller.
Düzülişip ...
Oýnap ... guryarys.
(şadyýan, bägül, duryarys, aýlaw).

Dodak çekimlileriniň näçenji bogunlarda ýazylandygyna üns beriň.

211-nji gönükme. Okaň we göçüriň. Nokatlaryň ýerine degişli dodak çekimlilerini ýazyň.

Ýor...nja, düw...n, köm...r, çol...k, dol...k, goý...n, tow...k, üz...m, ogl...n, sog...n, ök...z, dök…n, çoý...n, gurş...n, od...n.

1. o, ö dodak çekimlileri sözüň haýsy bogunlarynda ýazylýarlar?
2. u, ü dodak çekimlileri sözüň haýsy bogunlarynda ýazylýarlar?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

212-nji gönükme. Okaň. Adam atlaryny, familiýalary, şäher we obalaryň, daglaryň we derýalaryň adyny tapyp, ýazuwda olaryň birinji harpynyň nähili harp bilen ýazylýandygyny aýdyň.

1. Meniň partadaş dostumyň ady Nartaý. Onuň familiýasy Ballyýew. Onuň daýzasy Nurhan Daşkent şäherinde ýaşaýar.

2. Biz dynç güni Gökje obasyna gezelenje gideris.

3. Biziň ýurdumyzda Amyderýa, Syrderýa ýaly uly derýalar bar.

4. Alymlar Garadagda barlag işlerini geçirdiler.

213-nji gönükme. Özüňize tanyş bolan adamlaryň, şäherleriň, obalaryň atlaryny ulanyp, sözlemler düzüň we depderiňize ýazyň.

Nusga: Meniň ejemiň ady Gözel.

214-nji gönükme. Bir zadyň hilini, matanyň reňkini, suwuň tagamyny aňlad-

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýan sözleri tapyp, nusgadaky ýaly depderiňize göçüriň.

Nusga: 1. Beýik dag.
2. Gyzyl mata.
3. Turşy çal.

215-nji gönükme. Göçüriň. Nähili?, neneňsi? diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Tomusda gyzyl almalar bişýär. Bal ýaly üzümler bişýär. Ýakymly ysly zamçalar ýetişýär. Gyrmyzy reňkli üljeler ýygylýar.

Tomusda dostlaryňyz bilen nähili oýunlary oýnaýarsyňyz?

216-njy gönükme. Göçüriň we nokatlara derek ýaýyň içindäki soraglara jogap bolýan sözleri tapyp ýazyň.

Eneş kitap ... (näme etdi?). Gözel gurjak ... (näme edýär?). Biz ertir gezelenje ... (näme ederis?). Bu gün ýagyş ... (näme etdi?).

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SÖZLEÝIŞ DILINI ÖSDÜRMÄGE DEGIŞLI GOŞMAÇA TEKSTLER

Guzujyk bilen pişijek

– Dünýä indigiň ýere seredýärsiň. Näme ýerden bir zat tapjak bolýaň-my? – diýdi Pişijek guzujyga ýüzlenip.

– Rysgalymy agtaryýaryn-da. Ýogsam näme saňa meňzäp «Alma biş, agzyma düş», «Haçan hojaýynym bir zat berer-kä, diýip onuň eline seredip oturybereýinmi?» – diýip jogap berdi Guzujyk.

Guzujyk mamla. Ýaşamak üçin, zähmet çekmeli. Diňe şonda rähnet görersiň.

Ýumuş:

Şu erteki esasynda sahna taýýarlamaga synanyşyň.

Emir Temur babamyzyň dostluk hakynda aýdanlary

- Dostluk synagda bilinýär.
- Dostluk – hemme baýlykdan gymmat.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- Dostuňy ýaman günde syna.
- Çyn dost dostundan hiç wagt öýkelemeýär. Eger öýkelese-de ony bagyşlaýar.

Ýumuş:

1. Dostluk hakynda aýdylan pähimleri ýatlaň.
2. Dost nähili bolmaly?
3. Dostlaryňyz hakynda aýdyp beriň.

Fermer

Biz kelteminar obasynda ýašaýarys. Biziň obamyzda Kadyr aga fermer bolup işleýär. Ol ekin meýdanlaryna

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

güÿzlük bugdaÿ ekdi. Bugdaÿa fermer gowy ideg etdi. Šol sebäpli bugdaÿdan köp hasyl aldy. Bugdaÿy ÿygnap almak üçin täze kombaÿnlar geldi. Kombaÿn bugdaÿy orÿar, döwÿär, arassalaÿar.

1. Fermer güÿzde näme ekdi?
2. Bugdaÿdan nähili hasyl alyndy?
3. Kombaÿn näme edÿär?

Zehinli oglan

Oraz kompÿuter öwrenmäge höwesli. Agasy hem oña öÿde kompÿuterde išlemegi öwretdi. Ol mekdebe baranda iñ ökde okuwçylaryñ biri boldy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Oraz öz deň-dušlaryna kompÿuter syrlaryny öwretdi. Synpdašlary Orazdan görelde alÿarlar.

1. Oraz kompÿuteri haçan öwrendi?
2. Öÿde oňa kim kömek berÿär?
3. Siziň synpyňyzda Oraz ÿaly okuwçy barmy?

Ýumuş:
Aşakdaky goşgulary okaň we onuň mazmunyny gürrüň edip beriň.

Der gelmese, dür gelmez

Tomusda depäň güne
Gaýnamasa der gelmez.
Saýa söýüp ýatanlar
Idili hasyl almaz.

Gün dogýança ýatma, sen,
Işle, tur-da ir bilen.
Gürläp, baýlyk satma sen,
Baýlyk geler der bilen.

Amangül Babajanowa

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mekgejöwen

Her bir dänäň müň bolsun,
Ös, sen mekgejöwenim!
Et, ýag bolsun, ýüň bolsun,
Ös, sen mekgejöwenim!

Ýüpek gulpak başyňda,
Dokuz dolak daşyňda,
Miweleriň döşüňde,
Ös, sen mekgejöwenim!

Kerim Gurbannepesow

Guzujyk

Buýralyja guzujyk,
Tüýi örän näzijek.

Bökjekleýär, oýnaýar.
Gök otjagaz çeýneýär.

Ajyganda: «Mä!» diýýär.
Enesi hem: «Hä!» diýýär.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Göle

Göle jan-a, göle jan.
Gel-de elim ýala, jan.

Ot getirdim, iý hany.
Maňa «Sag bol!» diý hany.

Içiň çekip, molama.
Ýekesiräp, nalama.

Ejeň gitdi jeňňele.
Agşam geler süýt bile.

Surat

Gulajygy çürüje,
Murty akja pişijek,
Gözjagazyň delmunýar,
Sabry ýokja pişijek.

Hany ýere böksene,
Ýanjagazma çöksene!

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gaharlanman myrlasaň,
Süýtdür gaýmak bereýin.
Agram salmaz dişiňe –
Ýagly gaýmak bereýin.

Dişim akja, arassa

Täze ýagan gar ýaly,
Dişim akja, arassa.
Hemmäniňkem şeýle bor,
Dişlerine seretse.

Agşam ýatjak bolamda,
Goýýan ähli işimi.
Pasta çalyp, çotgalap,
Ýagşy ýuwýan dişimi.

Ertir irden oýanyp,
Ýaltalygy kowýaryn.
Zarýadkadan soň ýene
Ilki dişim ýuwýaryn.

Enem-atam öwretdi,
Üns berýän men dişe.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mydam aýap saklaryn,
Dişim gerek hemişe.

Orazyň bagy

Üç ýyl ozal
Ekipdi ol
Injir, üzüm, naryny.
Düýbün depip,
Suwlar sepip,
Ýetişdirdi baryny.

Gör, ýaş Oraz,
Gyşy hem ýaz,
Işleýär öz bagynda.
Oýnap-gülüp,
Miwe üzüp,
Iýer tomus çagynda.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

MAZMUNY

Ses we harp..... 3
Çekimli we çekimsiz sesler 6
Çekimli sesler..... 6
Çekimsiz sesler..... 12
Ýogyn we inçe çekimli sesler..... 16
Açyk we dymyk çekimsizler 28
Bogun 39
Dodak çekimlileri..... 50
Söz 58
Baş harp..... 69
Predmetiň hilini aňladýan sözler 77
Hereketi aňladýan sözler..... 83
Sözlem..... 94
Geçilenleri gaýtalamak 99
Sözleýiş dilini ösdürmäge degişli goşmaça tekstler..... 104

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Abdullaýewa, Gülbahar.
A13 Ene dili. 1: umumy orta bilim berýän mekdepleriň 1-nji synpy üçin derslik. 9-njy neşir/G.Abdullaýewa, G.Welbegow, K.Hallyýew. — D.: «O‘zbekiston», 2019.—112 s.

I. Welbegow, Gurbanberdi II. Hallyýew, Kamiljan.

ISBN 978-9943-01-063-5

UO‘K 811.512.164(075)
372.881.1(075)
KBK 81.2Tur-9

O‘quv nashri

GULBAHOR ABDULLAYEVA, GURBANBERDI VELBEGOV,
KOMILJON XOLLIYEV

ONA TILI

Ta’lim turkman tilida olib boriladigan umumiy
o‘rta ta’lim maktablarining 1-sinfi uchun darslik

1-sinf uchun

(Turkman tilida)

To‘qqizinchi nashr

Original-maket «O‘zbekiston» nashriyot-matbaa ijodiy uyida tayyorlandi.
100011, Toshkent, Navoiy ko‘chasi, 30.

Suratçy *A. Saýdberdiýew,* Redaktor *J. Metýakubow,*
Çeper redaktor *H. Kutlukow,* Tehredaktor *L. Hijowa,*
Korrektor *J. Metýakubow,* Kompýuter wýorstkaçysy *N. Ahmedowa*

Neşirýat lisenziýasy AI №158, 14.08.2009.
2019-njy ýylyň 23-nji ýanwarynda çap etmäge rugsat edildi.
Ölçegi 70x90$^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. «Arial» garniturasy. Kegli 19.
Ofset usulynda çap edildi. Şertli neşir listi 8,19. Neşir listi 8,50.
1076 nusgada çap edildi. Sargyt № 424.

«Sharq» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasynyň
Baş redaksiýasynyň çaphanasynda çap edildi.
100000. Daşkent. Beýik Turan köçesi, 41.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE